# Gülnar Nuryýewa

Category: Kitapcy,Teatr we kino sungaty
написано kitapcy | 25 января, 2025
Gülnar Nuryýewa GÜLNAR ORAZGYLYJOWNA NURYÝEWA




Doglan ýeri: Aşgabat şäheri.

Doglan senesi: 1962-nji ýylyň 16-njy fewraly
Bilimi: 1969-1979-njy ýyllarda Aşgabat şäherindäki 41-nji orta mekdepde, 1980-1985-nji ýyllarda Türkmen döwlet pedagogik sungat institutynda (häzirki konserwatoriýa) okady.

- **Gysgaça maglumat:**

Bilimi boýunça hünäri: Opera solisti, mugallym. Ol türkmen, rus, italýan, türk, nemes dillerini bilýär.1985-2001-nji ýyllarda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynda opera solisti, 2001-2007-nji ýyllarda Türkmenistanyň Milli medeniýet merkeziniň estrada artistler toparynda ýokary derejeli aýdymçy, 2007-nji ýyldan häzirki wagta çenli Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde ýokary derejeli aýdymçy bolup işleýär.1993-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti»,1996-njy ýylda «Watana bolan söýgüsi üçin» medaly,2003-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijisi, 2008-nji ýylda «Türkmenistanyň halk artisti», 2014-nji ýylda «Magtymguly Pyragy», 2016-njy ýylda «Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 25 ýyllygyna» ýubileý medallary bilen sylaglandy. Gülnar Nuryýewa Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri Orazgylyç Gurbanýazowyň gyzy. Gülnaryň ýan ýoldaşy Türkmenistanyň halk artisti Myratgeldi Baýramgeldiýew. Bularyň maşgalasynda iki ogul perzentleri bar.

- **Döredijiligi:**

1991-nji ýylda Gazagystan Respublikasynyň Almaata şäherinde geçirilen halkara bäsleşiginde « Iň oňat halk aýdymy ýerine ýetirendigi üçin» atly ýörite baýraga mynasyp boldy. «Zöhre-Tahyr» operasynda Zöhräniň, «Keýmir kör» operasynda Näzliniň, «Şasenem-Garyp» operasynda Şasenemiň, «Leýli-Mejnun» operasynda Leýliniň, «Magtymguly» operasynda Meňliniň, we başga-da ençeme baş keşpleri janlandyrdy. «Paýasy» operasynda Neddanyň keşbini ussatlyk bilen ýerine ýetirendigi üçin «Iň oňat zenan keşbi üçin» atly ýörite baýraga iki gezek mynasyp boldy.
«Jan Watan – Türkmenistan», «Galkyn Türkmenim», «Goý, aýdylsyn

Bitaraplyk aýdymy», «Goý, güllesin Garaşsyzlyk aýdymy», «Gel, Türkmenistana», «Agzybir ýurda, Diýara şöhrat» we başga-da ençeme aýdymlary bilen türkmen hem daşary ýurt sahnalarynda çykyş etdi.

Çeşme: Maglumatlar şahsyýetiň resminamalary esasynda taýýarlandy.

Taýýarlan: Akgül SAPAROWA.

Taýýarlanan senesi: 15.06.2022 ý.

*Çeşmesi: https://www.atavatan-turkmenistan.com/gulnar-orazgylyjowna-nuryyewa/. 24.11.2022ý.* Teatr we kino sungaty